# Naryň döreýşi / hekaýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 24 января, 2025
Naryň döreýşi / hekaýa NARYŇ DÖREÝŞI




…Hanym heý!
Salkyn-salkyn daň ýelleriniň ösdügi ülkesi,
Sakgally bozaç torgaýlar saýradyk sährasy,
Göwsi gözel gaba daglara Kün degende,
Garagoç atlaryň eýesin görüp hokrandyk deresi,
Külli oguz iliniň ata mekany – ene ýurdy,
Mukaddes Atakent dagynyň eteginde,
Atakent ýaýlasynda, müňlerçe ýyl mundan ozal…
…Düýp babasy Oguz kagan ogly Baýat han bolan, gadym türkmen iliniň atarman-çaparman beg ýigdi, Dönder goja ogly Gaýtmaz alpyň ekiz ogly dünýä inende, onuň depesi gök diredi.
Goşa şatlygynyň jägildisi, altmyş başly al tun ban öýüniň işiginden eşidilen dessine, Gaýtmaz beg galkybany ýerinden turdy-da, dogan-garyndaşyny, goňşy-golam, gonaklaryny ýardamçy çagyrdy.
Gülşüp-degşip, il bolup, her kim bolanja düşeginden orta

daşap, biri kem iki dokuz ýerde haly-palasdyr keçeler düşediler. Agyldaky akja goýunlardan ikilän-üçlän söwüş atardylar-da, ýeňilaýak bozoglanlary aýmagyň syýrgynlaryna çakylykçy gönderdiler.
Jemagat başy jemlenenden soňam, aýmagyň Gam atasynyň ak patasy bilen ulus-il agzybirlikde, Gaýtmaz begiň begenjini paýlaşarman boldy.
Gazma ojakda atarylan kyrkgulakly çoýun gazanlarda lasyrdap gaýnaýan nygmatlar gaýym ýetişýänçä, toý toýladylar, soý soýladylar, ozan aýtdyryp, gopuz çaldyryp, boý boýladylar.
Tagam çekilip, dileg edilenden soňra, aýmagyň Gam atasy:
-Goý, bu oglan Gaýtmaz begiň abraýly ojagynyň ýylysyny, mährini artdyrsyn!-diýip, ekizleriň biriniň oglan adyny “Oraz” dakdy.
Soňam:
-Goý, bu oglan öz mähriban öýüniň hem-de öz mähirli alaw doganynyň daşynyň goragy-penasy bolgaý!-diýip, beýleki bäbejigiň adyna “Ojak” goýdy.
Şeýdibem bu iki oglanjyk, akar çeşmäniň suwundan gana-gana içýän syrdam nahaljyklar kibi, atasynyň-enesiniň gözlerini nurlandyryp, billerini kuwwatlandyrýan guwançdyr-mähirden güýç-kuwwat alyp, günsaýyn ese-boýa galyp, daýandylar gidiberdiler.
Olaryň ikisiniň-de ata-babalaryndan gan bilen geçen, tohum yzarlaýan ukyplary çalymdaşdy.
Oraz bilen Ojak ýelden ýüwrük çalasyndy.
Öl çybyk deýin çeýediler.
Awuna garşy şaglap inýän togrul deýin çakgandylar.
Üç ýaşyndan bäri, ilk-ä goýun üste münüş öwrenip, soňam at üste çapuw öwrenip önüp-ösendikleri üçin, oguz iliniň her bir ýigdi dek, atoglanlykda-da ezberdiler.
Ýyllarboýy türgenleşe-türgenleşe gatap giden endamlary, toýra agajyndan ýasalan galkan kimin mäkämdi.
Özlerini bileli bäri oýnaglary ok-ýaý bolandygy üçin, ak tozly sary ýaýyň üç oky bilen uçup barýan üç guşuň gözünden urmagy başarýardylar.
Üstesine-de, ilki bozoglykda, soň agöýlülikde berlen tälimleriň täsiri bilen ekizleriň aňy-da edil ýalaw gama kibi kesgirdi, polat maşakly altmyş tutamlyk ala gönder kibi ötgürdi…
Ýöne, näme üçindir, ekizleriň ýüz-keşbem, edermenligem edil,

bir almany iki bölen ýaly biri-birininkä meňzese-de, olaryň hüý-häsiýeti welin, düýpgöter üýtgeşik boldy.
Oraz, tämiz gözbaşdan çogup gaýdan akar suw kibi asudady. Hemme kişi bilen deň-derman mylakatlydy. Ýaşyna gelişmez derejede pähimlidi.
Hatda gögelelik edip, öz deň-duşlarynyň biri bilen sene-meneli ýagdaý ýüze çykaýanda-da, kejeleşip durman, güler ýüz bilen, göwnaçyk degişme bilen tutaşjak-tutaşjak bolup duran dawanam ýylmap-ýuwmarlap, gülala-güllük eder goýbererdi. Şol bir wagtda-da zerur ýerinde onuň garadangaýtmazlygam ýetikdi.
Ojak welin, taýynyň tersine, edil, “Kimi bir ýaksamkam?!” diýip, mydama lowlap, çar-töweregine owsun atyp, uçgun syçradyp duran kakabaş alaw pisint häsiýetlidi.
Gyzmady.
Öýkelekdi.
Çala bir zat göwnüne ýaramasa, içine salyp, böwrüne diň salyp ýörýän, içi kitüwliniň biridi.
Özem, kimdir biri, haýsy-da bolsa bir zatda ondan öňe geçäýdigi, Ojagyň derrew içi-bagry tütäp başlaýardy. Hamana haky iýlene dönýärdi…
Aýlar-günler bolsa iki doganyň meňzeşligine-de, üýtgeşikligine-de, gowulygyna-da, erbetligine-de parh etmän, şol ötüp durdy, şol ötüp durdy…
Günlerde bir günem, Oraz bilen Ojak, zer-zerbap gaýyş kemerlerini guşandylar.
Sag billerine ak tozly saryja ýaýy salyngy ýaýdanlaryny hem üç ýelekli gaýym okdan doly sagdaklaryny ildirdiler.
Syçrap duran garagoç atlaryny bir gyldan eýerläp-beslediler-de, Seleň derýa birigýän Egin-gol bulagyň kenaryndaky ýapbyldak dag gerişlerine aw awlamaga, guş guşlamaga çykdylar.
Kert gaýanyň synasyny yzarlap, towlam-towlam bolup barýan, diňe bir atly sygar ýaly ýoda bilen ýokarylygyna çykyp baryşlaryna, birsellem ýöränlerinden soň, Ojak birdenkä, atyny öňden gorgunladyp barýan ekiztaýynyň gysga gabasynyň parawuzyna jäheklenen nepis nagşy tanady.
Ojagyň ýüregi jigläp gitdi.
“Bäbegiň nagşy!”.
Dem salymda dünýäsini gaplap alan gabanjaňlykdan ýaňa jahylyň gözüniň öňüni garaňkylyk gabsady.
Eger-walla, atyň üstünde çagalykdan guýma kenek bolup oturmaga bedeni endikli bolmadyk dagy bolsady, gursagyna gysymlap-

gysymlap köz guýandan enaýy täsir etmeýän gazaply duýgy zerarly, tasdanam uçutdan eňaşaklygyna güwläp gaýdýardy.
Soňky bir ýyl bäri gijeler düýşüni, gündizler huşuny eýelän näzenininiň özüni däl-de, özgäni, goý özüniň ekiz dogany bolsa-da, başgany saýlap alandygy hakyndaky pikir, ömründe ilkinji gezek beýle sarsgyny başyndan geçirýän ýaş ýigdiň dünýäsini titretdi.
Öňem-ä, hemmeleriň, hatda ata-enesiniňem özüni däl-de Orazy, has eý görýändikleri hakyndaky oýlar, onuň göwnüni gemrip, durmuşyna zäher gatyp gelýär.
Indi bolsa, hanha, ýene-de, bu, her bir öňýeteniň göwnüni awlap ýörmegi özüne borç diýip bilýän lellimiň guty çüwýänden boldy.
Onuň bir ýyl bäri ömrüniň her pursadynda, her dem alanda göz öňüne getirip ýören goňşularynyň gyzy Bäbegem şu nalajedeýini saýlap alypdyr…
Dagy nähili bolsun?!
Näme, ýöne ýerden, Bäbek munuň donunyň ýakasyna özüniň oba belli nagşyny älemläp beripdirmi?!…
Wa-a-ah-h!!!
Sered-ä onuň hiç zatdan bihabarsyrap, ýylgyrjaklan bolup barşyna!
Ojak kükregini dolduran ýiti sanjydan ýaňa ýüzüni ejirli çytdy-da, ekiztaýyny gabak astyndan ýigrenç bilen synlady.
Doganynyň bigam keşbi, hasam kalbyny daglap, ýüregine ot bolup ýapyşdy.
Birdenkä-de onuň kellesine aýdyň hem düşnükli pikir geldi.
“Bü, käbirlerin-ä hemmeje zady mugtuna bagyş edýän, käbirlerine bolsa diňe zakgun bilen merezi peşgeş eýleýän, ýalançy hem biwepa Ortak dünýäden dynmak üçin, üzeňňiden aýagyňy sypdyraga-da, sähel gyra agdygyň bes! Bary gutarýar. Sen-ä bulardan, bularam senden dynýarlar!” diýip, ol sop-sowuk oýlandy.
Bu pikir özüniň aýdyňlygy hem sowuklygy bilen gorkuzýardy.
Emma, bu mahal, bir demde jigeri gatap-gatap daşa dönen Ojak, beýnisiniň bir künji bilen elheder alsa-da, beýleki künjüniň erkine tabyn äwmezeklik bilen çala eglip, kertden aşak bakdy.
Düýbüne göz ýetmeýän, alagaraňky gorp…
Aýmagyň Gam atasy, Tamugyň girelgesiniňem şunuň ýaly gorpuň düýbündäki tüngowakda ýerleşýändigini aýdýar…
-Ojak! Seret! Gapdalky gerişde goçňarlar otlap ýör!

Doganynyň aňyny eýelän tümlük babatda jinnek ýalam şübhesi bolmadyk Oraz, hemişeki alçaklygy bilen Ojagyň ünsüni çekdi.
Oraz ýylgyrjaklap özüne bakanda, onuň ýakasyna jäheklenen nagyş ot bolup Ojagyň gözüne basyldy.
Ol birdenkä, özüniň näme edýändigine-de düşünmän, özüne nämedir bir zatlary görkezip durşuna tüýs ýürekden ýylgyrýan doganyna ýakynlady.
“Men-ä özümi gorpa oklamaly! Yzymda bularam heşelle kakyp, eşretli döwran sürmäge galmalymy?! Ýo-o-ok! Ondan gowusy men galaýyn-da, sen güm bol, Gara Ýerligiň hanlygyna garşy!” diýip, ýigrenç bilen oýlanybam, ol, sen-de ýok, mende, duýdansyz, Orazyň aýagyna ýapyşdy-da, ony atyň üstünden gorpa tarap agdaryp goýberdi.
Oraz näme bolandygyna-da düşünip ýetişmedi.
Geň galmakdan ýaňa, hatda gygyrmadam.
Diňe, onuň haýrany-serasyma bolmakdan ýaňa adatdan daşary tegelenen gözlerinde: “Näme üçin?!” diýen ahmyr-armandan hem mönlükden doly ýekeje sowal sähel salymlyk ýylpyldap gitdi.
Şol çagaňky ýaly sada ýylgyryşy bilenem ol neresse, güwläp gitdi eňaşaklygyna…
Ýüz-keşbi tagma basylana dönüp, gara-ört bolan Ojagyňam, bada-bat jynsy üýtgedi.
Birden goýalyp bulamaga dönen howany, sojap-sojap, zoraýakdan bogazyndan birki gezek ötürip-ötürmänkä-de, öz eden işiniň ähli nejisligi aňyna ýetdi.
Onuň heýýaty göçdi.
Eý-a Taňrym!
Men nämeler gopardym ahyry?!…
Öz eden işiniň ähli aýylgançlygyna akly ýeten badyna-da, gögele özüniň buýnuzagynda çowlanyp duran şar-gara käkiliniň tarlarynyň “jyt-jyt” edip, ýeke-ýekeden agarýandygyny syzdy.
Dessine-de ekiztaýynyň atyny irişmesinden idip, ýazlaglaryna dolanyşy, ata-enesiniň dad-u-bidat perişan haly, kowumdaşlarynyň özüne siňňitli garaýan nazarlary, Gam atanyň gazap ýalny bilen lowlap duran göreçleri hyýalyna geldi.
Şol şekiller bilen bir wagtda diýen ýalam, gözüniň öňünde Orazyň göwnaçyk ýylgyryp duran keşbi janlandy.
Bir emmeden ganyp, bir sallançakda bugarypjyk ýatylan günler…
Bir gawurşagyň üstünde ala-wagyrdy bolşup, gyzyl-gyran oýnaşylan günler…
Babalary, haýbaty ýowlary endiredýän, galmyş ýigitleriň

erkini-serdary, galyň oguz begleriniň gardaşy, söweş günde ýoldaşy Gaýtmaz alpyň, olaryň her haýsyny bir goýnuň üstüne mündürip, ol janawerlere assa-ýuwaşdan erk etmäni öwreden günleri…
Oraz ikisiniň ilkinji gezek bala ýaýyny ele alan günleri…
Ilkinji gezek özlerine berlen gunanlar bilen seleň sährada ylgaşan günleri…
Meýdan towşanyny awlamaga çykan ilkinji günleri…
Bilelikde geçirilen bu “günler” şeýlebir kändi, şeýlebir datlydy…
Ol bolsa öz öýleriniň mähri hem yssysy bolan eziz doganyna pena bolmagyň deregine, tüm-garaňky bahyllygyň batgasyna boýyn çümdi-de, Gara Ýerligiň gyzy Keýlikden doglan gyzyl Albassynyň alyna gidip, öz ganybir gardaşyna haýynlyk bilen kast etdi…
Dünýäsini dolduran şekillerdir-ýatlamaryň girisinden sypyp bilmän, doňňara-daşa öwrülip duran sähel salymynyň içinde, süýrdepesindäki käkilem, ýeňsesindäki örme çokulam, asyr bilen ýaşytdaş gojalaryňky kibi juw-ak bolan jahylyň kalby lerzana geldi.
Ol öz-özüne tutaşan ýigrenjine bäs gelip bilmän:
-Öl senem, ýigrenji! Goý, Ataş ýaýlasy seniň-de müdimilik mekanyň bolsun!-diýip, öz-özüne nälet okady-da, bir bökende eýeriniň üstünde örboýuna galdy. Birjik-de säginmänem doganynyň yzyndan gorpa özüni zyňdy.
Göz açyp-ýumasy salym dowam edýän, gursagyňda nähilidir birhili süýjümtik sorulma emele getirýän uçuş duýgusy…
Soňam zarp bilen äpet harsaňlara urulýan teniniň aklyňdan azaşdyryp barýan agyrysy…
Soňam…
Tümlük…
*****

…Ojak, iňläp gözüni açanda, ilkinji aňşyran zady, çar ýanyny goýy-gyzgylt tümlügiň gurşaýandygy boldy.
Geň galaýmaly, ol şeýle uly belentlikden gaçyp, kül-owram bolanam bolsa, özüne gymyldamaga mümkinçilik berýän synasyna zordan erk edip, tirsegine daýandy-da, ysgynsyz kellesini hereketlendirip, töweregine garanjaklady.
Bada-badam süňňüni dolduran wehimden ýaňa demi tutuldy.
Ol aňyrsyna-bärsine göz ýetmeýän äpet derýanyň kenarynda

ýatyrdy.
Iki ädim beýle ýanynda bolsa, Orazyň göwresi döwlen gurjak deýin, bulam-delem bolup ýatyr. Diňe kükreginiň assajadan galyp-peselip durmasy, onuň diridigini çakladýar.
Derýanyň hanasyndan bolsa, suw deregine gandyr-iriňe ýugrulan, gyzyl ot bolup ýanýan goýy läbik akýar.
“Dirileriň dünýäsi bilen Tamugyň araçägindäki Doýmadym derýa!” diýip Ojak, gözi düşen dessine derýany tanady.
Doýmadym derýanyň kenary müňňül-müňňül edip, her hili betnyşandan-betnyşan, zäherliden-zäherli ýylan-içýandan, möýlerden ýaňa hyň berýär.
Gyzgylt tümlüge beslenen asmandan bolsa, käte bir “gagyldaşyp”, “jakyrdaşyp”, çüňklerinden gyýaklary saňňaryşyp duran, gaýyşganatly, demirdyrnakly, eýmenç guşlar haýaljakdan uçup geçýärler.
Hol alysda bolsa, gos-goýy tümlük üýşmegi bilen ümürläp Astky dünýäň düýpsüz köli – Girdabyň sudury çala saýgardýar.
Çar ýandanam onuň mejalsyz ýatan göwresine garşy, gorkunçdan-gorkunç tumşuklar uzaýar.
Onuň göwresiniň gaçan ýerine golaýda bolsa, sütüni görünmeýän, dünýe ýaly ägirt agajyň daşdan ýasalana çalymdaş kökleri somalyşyp durlar…
Ot-ýalynam kär etmeýär ol köklere, möý-içýanlaryň zäherem…
“Dünýe daragty – Keramatly Baýderegiň kökleri!” diýip Ojak, ol kökleriň haýsy baga degişlidigini öz ýanyndan çaklady.
Şol pille-de, göýä, onuň pikirlerini eşidip gelen ýaly, onuň alnynda, her pursatda eräp-akyp, gaýtadan dikelip, ýene-de bozulyp-düzelip, betgelşikden-betgelşik şekilleri döretmegini dem salymlygam bes etmeýän, eýmenç sudur emele geldi.
Onuň arkasynda-da, sakgaly söwüt kibi, agzy ojak kibi, gözleri ýanyp duran köz kibi, elleri maýmynyňky ýaly ýerden süýrenip duran, gujurly aýaklary çykyn-çykyn, ýedi sany mahluk peýda boldy.
Ol mahluklaryň daşynda bolsa, hüžžerip duran dym-gyzyl saçly, dym-gyzyl gözli, dyrnaklary ýere ýetýän, agyzlaryndan aňkaýan porsy ys ýüregiňi bulap, ögemäge mejbur edýän, betnyşan, tulkuldyk göwreli, bir aýagy adaty, beýlekisi süňkden ýa-da

gara daşdan aýakly, zenanpisint jandarlar, ýeke pursadam bir ýerde saklanman, üznüksiz pelesaň kakýardylar.
Eräp-akyp, gaýtadan emele gelip duran sudur, deramatsyz ýatan Ojagyň juw-ak käkilinden rehimsizlik bilen penjeledi-de, bir dartanda ony gözleriniň deňesine göterdi:
-Tanadyňmy-y-y, meni-i-i…?!…-diýip ol, äpet göwresine gelişmeýän, gulagyňy deşip gelýän şaňňy ses bilen çirkin gygyrdy.
-Tanadym…Sen…Gara Ýerlik han…Bularam seniň ýedi ogluň – Görmezler, olaram gyzlaryň – Keýlikler…-diýip Ojak, Doýmadym derýanyň howruna ýaryk-ýaryk bolan dodaklaryny zordan gymyldatdy.
-Näme üçin meniň girime düşeniňi bilýäňmi?!-diýip, Tamugyň hakany ýene-de şermende sesini etdi.
-Bilýän…-diýip, halys ysgyny giden Ojak pyşyrdady:-Men ganybir gardaşyma, öz ganyma hyýanat etdim…
Soňam ýuwdundy-da, ýene-de üstüni ýetirdi:
-Ýöne…Deňriniň dogany! Dünýäniň hökümdary bilen doganlygyň hatyrasyna, meni näme etseň et-de, meniň doganymy yzyna goýber. Ýalbarýan!…
Gara Ýerlik, penjesinde saklap duran täsin jandarjygynyň bolşuna geň galdy. Ol Ojagyň aýdany aňyna ýetmedik ýaly, birbada oňa siňňin seredip durdy-durdy-da, birdenem ýürekbulanjy kikirdi bilen hikirdemäge başlady:
-Hi-hi-hi…Bu akmajyk gurçujagy!…Hi-hi-hi…-diýip ol, hem kikirdäp, hem geplemegini dowam etdi:-Eý gurçujak! Sen näme, maňa haýsydyr bir şert goýar ýaly, nämädir bir zada erkiň galandyr öýdýärmiň?!…
Tamugyň eýesiniň kemsidiji gülküsini Görmezlerdir Keýliklerem alyp göterdiler. Birdenem, Gara Ýerlik özüniň eräp-emele gelip, bozulyp-düzelip duran keşbine mahsuslykda, içýakgyç gülküsini tapba kesdi-de, penjesinde saklap duran Ojagyň çalamydar göwresini henizem bihuş ýatan Oraza garşy zyňyp goýberdi:
-Ýogsa-da, bar hany, näme edip bilýäniňi görkez! Hanha doganyň,-diýip Tamugyň hany Orazyň eplik-ýaplyk bolup ýatan göwresini görkezdi:-Hanha-da ony halas etmäge ýoluň!

Tamugyň eýesi gan gatyşykly ýanyp duran läbik akýan Doýmadym derýa garşy dyrnagy ýere degeýin-degeýin diýip sallanyp duran betgelşik barmagyny çommaltdy:
-Doganyňy gerşiňe alyp şu derýanyň ol kenaryna geçip bilseň, senem, doganyňam çar tarapy açyk! Siz onsoň erkin!
Gara Ýerlik öňküsindenem beter betnyşan keşbe girip, hasam kemsidiji hem nejis hikirdedi:
-Hany göreli bakaly, seniň näme başarýanyňy, ilk-ä öz doganyna hyýanat edip, soňam onuň ömrüni menden diläp almakçy bolan akmajyk gurçuk! Hemme zat seniň öz eliňde! Bar, hanha!-diýdi-de ol töweregine gallaşyp duran perzentlerine baş aýlady:-Bu biziň üçin iňňän şadyýan tomaşa bolar!
Tamugyň hojaýynynyň sözlerine Görmezlerdir Keýlikler ýene-de ýalynjaň kikirdeşmäge howlugdylar.
Mejalsyzlykdan hem beýnisine hapylap urýan porsy yslardan ýaňa essi aýylyp gelýän Ojak, Doýmadym derýanyň iriňli gan gatyşykly gyzyl köz bolup akýan läbigine garşy ägirt gorky bilen garanjaklady. Onuň göwnüne bolmasa eýmenç akyma tarap birje garyş süýşmäge-de özüni ömralla mejbur edip bilmejek ýaly bolup göründi. Emma, haçan-da huşsuz ýatan Orazyň juw-ak ýüzünden Tamugyň mör-möjekleridir içýanlarynyň ibirt-de-zibirt ýöreşýändiklerini göreninden onuň kalbyny gabsap alan wehim perdesi jyrym-jyrym ýyrtylýana döndi.
Ol nähilidir bir gazaply hyruç bilen dodaklaryndan dişini parran geçirip, hyrçyny dişledi-de, Orazyň çiginlerinden ýapyşyp bir dartanda ony gerşine oklady. Soňam birjik-de säginmänem: “Eliň bilen etdiňmi, egniň bilen çekmänem başar, bigaýrat!” diýip içinden öz-özüne gyjalat berip, aýaklarynyň dyzdan aşagynyň kül-owram döwükdigi sebäpli, käte dyzanaklap, käte bagry bilen süýşüp Doýmadym derýanyň hanasyna girip gitdi.
Ýanyp duran läbige elini uran badyna-da ol gyzyl-ot bolup tutaşdy.
“Jyzyrdap” ýanyp, gowrulýan teniniň beýnisini ýyrtyp gelýän ýiti yzasyna Ojagyň gözi garaňkyrady. Emma hyrçyny dişlemekden ýaňa agzy gyzyl ganyndan dolan ýigit, misli doga kimin: “Çaşmaly däl! Çaşmaly däl! Diňe süýşmeli! Orazy diňe şeýdip

halas edip bolar!” diýip içinden doga sanan ýaly sanaşdyryp, bir pursadam säginmän öňe süýşmegini dowam etdirdi.
Doýmadym derýanyň gyzyl ot bolup ýanýan läbiginiň ýalny onuň garnyndan, döşünden, budundan, ellerinden agyz urup, ony göýä, ýakyp-ýandyryp, şol durşuna, ýarym çigligine, iýäýjek bolýardy. Onuň eýýäm gyzyl ot bolup ýanyp-ýanyp eti sypyrylyp gara süňk bolup galan elleri ol her gezek sähelçejigem bolsa öňe süýşende gan-iriň gatyşykly köz gyzyl läbige çomýardy. Ýiti agyrynyň üznüksiz täsiri bilen eýýäm diňe bir beýnisi öçmeg-ä däl, eýsem ýüregem doňup galana dönen ýigit onda-da, hötjetlik bilen öňe süýşmegini bes etmeýärdi.
Indi sönen aňynda-da däl-de, kalbynyň iň jümmüşinde ýaňlanýan birje pikir onuň her öňe süýşülýän ädim bilen barha gara-köýük bolup barýän bedenini gymyldamaga we azajygam bolsa öňe süýşmäge mejbur edýän ýalydy.
Çaşmaly däl! Çaşmaly däl! Diňe süýşmeli! Orazy diňe şeýdip halas edip bolar!
Çaşmaly däl! Çaşmaly däl! Diňe süýşmeli!….
Diňe süýşmeli!…
Çaşmaly däl!…
Ellerini ýandyryp, diňe gara süňk edip taşlan gyzyl ot, onuň kükreginiň dokumalarynam iýip boldy-da, döş gapyrgalarynyň arasyndan henizem haýsydyr bir nämälim gudrat bilen onuň dälirän ýaly urmagyny dowam edýän ýüregine agyz urdy.
Doýmadym derýanyň Tamug tarapky kenarynda durup, onuň çekýän jebir-sütemlerini kikirdeşip synlaýan Tümlügiň eýesidir onuň meslekdeşleri bolsa, keýpihon gykuwlaşyp, göýä haýsydyr bir gyzykly bäsleşige tomaşa edýän dek, oňamy ýa-da ony ýakyp-ýuwdup öz holtumyndan sypdyrmajak bolýana çalym edýän Doýmadym derýamy, meçew berýärler.
Ojak bolsa süýşýär.
Diňe süýşýär.
Sebäbi ol…
Süýşmeli!
Diňe süýşmeli!
Onsoňam…
Esasy zat…

Çaşmaly däl!…
Sebäbi onuň gerşinde Doýmadym derýanyň zäherli odunyň dilkawlary ellerini ýalasa-da özüne gelmeýän Oraz bar…
Doýmadym derýanyň ýalny bolsa, barha ýokarylygyna dyzap, indi onuň kekirdeginden, ýüzünden agyz urýar. Diňe öňüne seredip, garşysyndaky kenardan özge hiç zady saýgarmaz bolup, doňup galan gözlerini dilkawlary bilen ýalaýar…
Ýöne ol indi agyrynam duýmaýar. Sebäbi etinden ötüp süňňüni gemirýän ýalyn, onuň ähli duýgularynam-pikirlerinem ýakyp-ýandyryp, ýalmap-ýuwdup ýok etdi.
Onuň etsiz-damarsyz, gansyz galan süňňünde näme aslyşyp galandygam, henizem onuň günäkär tenini näme sebäpden terk edip gitmändigem näbelli kalbynda bolsa diňe ýekeje duýgy, ýekeje matlap…
Süýşmeli!
Diňe süýşmeli!
Sebäbi Oraz bar…
Sebäbi Oraz…
Ol kenar bolsa şeýlebir daşda, şeýlebir alysda…
Edil daşlygy-ýakynlygy çakyrymlarda ýa-da menzillerde däl-de, ýyllarda ölçelýän ýaly…
Edil, müňlerçe ýyllyk daşlykda ýatan dek, şeýlebir daşda, bu ony ýalmap-ýuwdup barýan Doýmadymyň arzyly kenary…
Ýanyp duran läbigiň ody gözlerine böküp, garaklaryny gapanda Ojak, gözleri ýalnyň ýalmawuz demine düşmänkä iň soňky bakyşda, çuw-ak geýimli, ap-ak silkme telpekli, eli ak hasaly, edil öz aýmaklarynyň ulug gam atasy Bozgur baba bir almany iki bölen ýaly meňzäp duran ýaşulynyň kenarda özüne garaşyp durandygyny gördi.
Ýa-da gözüne göründi.
Ýöne her niçigem bolsa, kör bolup galan Ojak süýşmesini kesmedi.
Birdenem ol, lowlap ýanýan läbige batyp-çomup, ýene-de biraz öňe süýşmek üçin diňe süňki galan barmaklaryny öňe uzadanda, ten duýgusy bilenem däl-de, kalby bilen özüniň gataňsy otjumak topraga ýapyşýandygyny syzdy.
Onuň kalbynda nähilidir birhili dünýäsygmaz ýeňillik emele

geldi.
Ýetdim!
Oraz ýaşar…
Şol ýeňillik bilen bir pursatda köňlünde dörän, birwagtyň özünde hem-ä dana gamgynlykdan, hem-de buýsançdan doly pyşyrdy, edil tämiz saba şemaly süpürýän dek, onuň göwnüniň ähli hapa-jerhedini syryp-süpürip, tämizläp, özi bilen alyp, geçip gitdi.
Ýetdiň!
Ýoluň ak bolsun, oglum!
Ýoluň ak bolsun!…
Şu pyşyrdam Ojagyň çalajan ruhunda emele gelen iň soňky yrgyldy boldy…

*****

…Oraz özüne gelende, ilki duýan zady özüniň ýumşak düşekde ýatandygy boldy. Ol gola guýlana dönüp agralan gabaklaryny götermekçi boldy. Emma başarmady. Birki sapar gözüni açmaga eden synanyşygy paşmandan soň, ol özüne bihuda sütem etmesini goýdy-da, özüne näme bolandygyna düşünjek boldy.
Ýadyna saljak boldugyça-da kellesiniň agyrysy güýçlendi. Emma şonda-da ol, endam-janynyň agyrysy beýnisini çogduryp gelýänem bolsa, hakydasyna agram salmagyny bes etmedi. Biraz wagtdan soň onuň azaby ýerine düşüp ugrady. Öz başyndan geçen waka doly ýadyna düşmese-de, onuň hyýalynda üzlem-saplam şekiller, keşpler solak görnüşde peýda bolup ugrady.
Ine olar, ekiztaýy Ojak bilen dag ýodasyndan atlaryny mytdyldadyp barýarlar…
Oraz Ojaga nämedir bir zat diýýär. Ojak hem oňa hemişekisi ýaly tutuksy dikanlaýar…
Birdenem ilk-ä tümlük…
Soňam gözüňi deşip gelýän ýagtylykda, olaryň aýmaklarynyň ulug gam atasy Bozgur baba çalym edýän goja, gymyldamaga ýagdaýy bolman deramatsyz ýatan onuň üstüne egilýär-de, onuň ýüzünden ellerini eýläk-beýläk ýöredip gamgynlykdan hem danalykdan doly owaz bilen düşnüksiz pyşyrdaýar:

-Unut ähli erbetligi! Diňe gowulyk saňa ýar bolsun! Oňa-da ak ýol! Onuň ýalynda ýanyp päkleneni üçin sende-de ozal ýok kir-kimir döremesin!
Ýaşulynyň onuň ýüzüne galtaşyp-galtaşyp geçýän ellerinden bolsa şeýlebir mähriban ýylylyk endamyna ýaýraýar welin, ol ýylylykdan ýaňa Orazyň gözüne ýaş aýlanyp gidýär. Onsoňam ol ýylylyk öňem ysgynsyz Orazy biygtyýar ymyzganmaga mejbur edýär. Uklap barýarka-da ol gözüniň gyýtagyny gapdalyna aýlanda, diňe gara süňki galsa-da, henizem gyzyl ot bolup ýanmagyny bes etmeýän jesediň bir ädim beýle ýanynda ýatandygy gözüne ilip ýetişýär…
Soňam ýene-de ýagtylyk…
Ol ýene-de ýaňky dag ýodasyna gaýdyp gelýär.
Ýene-de Ojaga nämedir bir zady görkezip, oňa ýaňky aýdan sözlerini gaýtadan diýýär.
Şol pille-de onuň aty ömründe birinji gezek nämedir bir zatdan gaty ürkýär-de, patanaklap duýdansyz çarpaýa galýar. Oslagsyzlykdan ýaňa ahmal galan Orazyň aýagy üzeňňiden sypýar-da, ol belent gaýadan dik başaşaklygyna güwläp gaýdýar. Gaçyp barýarka-da özüniň şeýle ezber çapyksuwar halyna atyň üstünden ýykylyşyna haýran galýandygy onuň aňyna ýelmeşýär. Şol bir wagtda-da ol özüniň geň galmakdan ýaňa peträn gözleri bilen Ojagyň özüni gapyp ýetişmek üçin eýerde oturan ýerinden özüni zyňyşyny, emma gapyp bilmän, gaýta özüniň yzyndan gorpa gapgarylyşyny görmäge ýetişýär.
Soň dem salymlyk dowam edýän, gursagyňda nähilidir birhili süýjümtik sorulma emele getirýän uçuş duýgusy…
Soňam zarp bilen äpet harsaňlara urulýan teniniň aklyňdan azaşdyryp barýan agyrysy…
Soňam…
Tümlük…
Soň ýene-de özüne gelende bolsa, Ojagyň hykylap-çokulap özüni gerşine alyp, özleriniň ýykylan gaýalaryna dyrmaşýandygyny syzýar. Edil kellesine bürelen galyň perdäniň daşyndan gelýän ýaly Ojagyň özüne mahsus hötjetlik bilen ysgynsyz pyşyrdaýandygyny eşidip galýar:
-Elterin! Hökman çykararyn! Orazy hökman halas etmeli!

Süýşmeli! Diňe süýşmeli! Çaşmaly däl! Diňe süýşmeli!…
Soňam ýene-de garaňkylyk…
Bu üzük-ýoluk ýatlamalary hakydasynda aýlan Orazyň bogazy doldy.
-Ojak jan…-diýip ol, güýjünde baryny edip gygyrmakçy boldy.
Emma, muny başarmandan soň, ol kükregini ýaryp gelýän hasraty nädibem bolsa daşyna çykarmak üçin, eziz doganynyň adyny tutup, iň bolmanda naýynjar hykylamaga synanyşanda, hälden bäri dyky dykylan dek gapyk gulaklary açyldy.
-…Iki günden soň, “gelmediler” diýip yz çalmaga çykanymyzda, ilk-ä Egin-gol bulagyň kenaryndaky dagyň eteginde otlaşyp ýören atlaryny tapdyk, soň ýodada özleriniň üstünden bardyk….Bü-ýä diri ekeni, ony gerşi bilen ýoda çykarandan soň Ojak janam jan beripdir…-diýip, ýakynynda oturan kimdir biri Orazyň kakasynyň sesi bilen hamsygyp, beýleki birine gürrüň berýärdi.
Oraz gözüni açman üşerildi.
Sähel salymlyk ara düşen dymyşlygy başga ses bozdy. Oraz bu dil ýaranyň Bozgur babadygyny sesinden tanady.
-Şu gün säher oraşan gördüm…-diýip Bozgur baba, geplemek üçin özüne zor salýandygyny bildirip, sözüniň arasyny bölüp-bölüp gürleýärdi:-Düýşümde Gökden owaz geldi. Owaz maňa: “Eý-a Bozgur! Galkybany düşegiňden örgül! Derhal gitgil-de, Dönder goja ogly Gaýtmaz alpyň wepat eýlän eziz zürýadynyň guburynda gögeren nahaly köki bilen emaýlap algyl! Ony gyzgyn gursagyňa gysyp, apalap götergil-de, Gaýtmaz alpyň işiginde söýüp-söýgüläp, ýagşy dilegler bilen ekiňler! Bu ýaş agaç Uçmahydyr! Ol egriligiň ýoluny ebedilik terk eýläp, dogrulygyň ýolunda pida bolmaga ak ýola düşeninden soň, mähriban dogany üçin şirin janyny gaýgyrman, azaby-ezýetden boýun gaçyrman, azyz ömrüni, ajyz tenini gurbanlar kylan, ýagşyzada ereniň ähli synaglara döz gelen synmaz ruhundan ýaradylandyr! Bu bag, ese-boýa galandan soň, ondan önen miweler, her ýylda dört kyrk gününde topragyň ähli datly şerbetini özüne sorup alar! Onuň miwesinden dadan, şerbetinden ganan ynsan balasynyň kalby tämizlenip, ol doganlygyň hem mähribanlygyň aşygy bolar, ynsan ruhy ýigrençden we bahyllykdan saplanar! Otda ýanyp, ýalynly

ezizlikden emele gelendigi üçinem, goý, dünýe ahyret-tamam bolýança bu ajap bagyň ady NAR bolsun!” diýip emr eýledi. Menem gitdim-de, şol nahaly getirdim, eý Dönder goja ogly Gaýtmaz alp! Ereniň synmaz ruhunyň ýalynly ezizliginden emele gelen bagy kabul eýlegil!…
Bozgur babanyň bu sözlerini diňläp ýatyşyna henizem gabaklaryny götermäge mejaly bolmadyk Oraz, ýaňaklaryndan katra-katra gözýaş damjalarynyň syrygýandygyny duýdy…
…Çynmy, ýalanmy, bu hekaýat, hanym-heý!
Salkyn-salkyn daň ýelleriniň ösdügi ülkesi,
Sakgally bozaç torgaýlar saýradyk sährasy,
Göwsi gözel gaba daglara Kün degende,
Garagoç atlaryň eýesin görüp hokrandyk deresi,
Külli oguz iliniň ata mekany – ene ýurdy,
Mukaddes Atakent dagynyň eteginde,
Atakent ýaýlasynda, müňlerçe ýyl mundan ozal…
Bolup geçdimi bu waka, bolup geçmedimi…
…Hanym heý!… Hekaýalar